# Aktau şäherinde Türkmenistanyň Prezidentiniň täze kitabynyň tanyşdyrylyşy geçirildi

***2025-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Türkmenistanyň Aktau şäherindäki Konsullygynyň binasynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň tanyşdyrylyşy geçirildi.***

Çärä Ş.Ýesenow adyndaky Hazar deňzi döwlet tehnologiýalar we inžiniring uniwersitetiniň talyplary, şeýle hem türkmen diasporasynyň wekilleri gatnaşdylar.

Çykyş edenler täze kitabyň ýurduň milli özboluşlylygynyň aýrylmaz bölegine öwrülip, parahatçylyga, dostluga we durnukly ösüşe ymtylmany alamatlandyrýan Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesiniň halkara derejesinde ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna bagyşlanyp çap edilmeginiň aýratyn mana eýedigini nygtadylar.

Tanyşdyrylyş dabarasynyň ahyrynda gatnaşyjylara türkmen milli aşhanasynyň tagamlary hödür edildi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 30.12.2025